# Gürleýän guýy / fantastiki hekaýa

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gürleýän guýy / fantastiki hekaýa GÜRLEÝÄN GUÝY




Hekaýanyñ ady göçme manyda däl, guýy hakykatdanam gürleýär, siz muňa özüňiz göz ýetirip bilersiňiz. Süýji suwly guýy, edil obaň ýüreginde. Obanyň ady Üçguýy, sebäbi ol obada üç sany guýy bar, iki guýy ajy suwly, bir guýy süýji suwly. Guýular bir-birinden daşda däl, el uzadaýmaly, ýöne barybir suwlary tapawutly. Biziň wakamyz süýji suwly guýy barada gider. Ajy suwly guýular bize gyzykly däl, ol guýulardan adamlar suw içenoklar, ol guýulardan diňe mal-gara suw berýärler. Süýji suwly guýy adamlar üçin has wajyp bolansoň, oňa seredilşem üýtgeşik. Guýynyň çermegi dag daşy bilen, adam biline çenli örülen. Beýle ýagdaýyň iki bähbidi bar, birinjisi guýa kiçijek çagalar we käbir haýwanlar gaçmaz ýaly, ikinjisi hem şemal turanda guýa çäge tozamaz ýaly. Guýy üçin dag daşlaryny getirmegiňem özi uly zähmet, daş töwerekde daş alara ýer ýok, iň golaý ýer – Köpetdag. Ýöne nähili bolandada guýyň çermegi dag-daşlary bilen örülen. Ol agyr zähmeti kimiň öz egnine alanyny, obanyň adamlary bilenoklar. Hatda obanyň iň garry ýaşaýjysam, ol guýynyň haçan gazylanyny, kim gazanyny we daşyny daşlar bilen kimiň örenini, iň bolmanda rowaýat, erteki görnüşinde-de hiç zat bilenok. Adamlaryň ýat-huşy gysga we ynamsyz. Çölde saňa habar saklaýan kitaphanalar ýok, şonuň üçin bir habary nesilden-nesle geçirjek bolsaň, hökman erteka ýa-da rowaýata büremeli. Ýöne Üçguýy obasynyň ýaşaýjylarynyň,

öz guýylary barada hiç hili ertekisem ýok rowaýatam. Geň ýeri, süýji suwly guýynyň ady, siziň okap oturan hekaýaňyzyň ady bilen deň. Hawa. Oba ýaşaýjylary ol guýa «Gürleýän guýy» diýýäler. Ýöne ol adyň nirden gelip çykanyny hiç kim bilenok. Şemal wagty, guýyň agzyna ýel ilip, adam sesine meňzeş aýylganç ses çykarýar. Käbir ýaşaýjylar bolsa şol ses üçin hem guýa gürleýän guýy diýlendir diýip çak edýärler. Guýy beýle sesi her bir ýelde çykaryp ýörenok, diňe şemal gündogardan öwsen wagty çykarýar. Garaz ol guýy azajyk geňiräk, ýöne näçe geň bolsa-da öz gönümel wezipesini ýerne ýetirýär, adamlary suw bilen üpjün edýär.
Günleriň bir güni şol guýa obanyň bir gyzy öz küýzesini gaçyrdy. Guýynyň daşyndaky daşdan diwaryň üstünde öz küýzesini goýdy, küýze bolsa ýykylyp guýa gaçdy, gyz oňa elini degirmedi, hamala küýzäni başga biri iten ýaly, ýa-da küýzäň duran daşy tekiz däldi? Ony eýýäm hiç kim bilenok. Näme bolandada küýze indi guýyň düýbinde ýatyr, alyp bolar ýaly däl. Biziň hekaýamyzam şol guýa gaçan küýzeden soň başlaýar, sebäbi gürleýän guýy bilen gyzyň birinji şerti, şol küýzäň üstünde baglanşyldy. Hekaýa başlamazdan öň, elbetde gyz barada we başgada gahrymanlar barada size aýdyp bermek zerurdyr? Gyz barada awtorda edil şu wagyt aýdara hiç zat ýok, sebäbi gyzy başdan aýak indi oýlap tapmaly. Howwa, gyz entek çyg, bişmedik. Ol barada ýekeje aýdyp boljak zat, ýere ýetip, yzyna aýlanyp duran, uzyn gara saçlary bar. Ýöne gyz diýen zat diňe owadan uzyn saçlar bilen gutarmaýar, oňa at, sypat we häsýet gerek, ondan daşgaryn jemgiýetde tutýan orny hem gerek. Eger awtor hakyky durmuşdan bir gyzy alyp, şoň häsýetlerni hekaýadaky gyza geçiren bolsa, belkem aňsat bolardy. Ýöne awtor beýle etmäge gorkýar, sebäbi ol ynanýar; Eger hakyky dünýeden alnan gyzy, hyýaly dünýä geçirip, ol barada her hili zatlar ýazyp başlasaň, kim saňa güwä geçip biljek, hakyky dünýedäki gyz öz hyýaly dünýedäki ekiz taýynyň ykbalyny paýlaşmaz diýip? Şonyň üçin awtor öz baş gahrymany gyzy, tutuşlygyna noldan oýlap tapmaly diýen netijä geldi. Goý hyýaly dünýädäki gyz bilen, hakyky dünýedäki hiç bir gyz kesişmesin.
Awtor gyzy oýlap tapyp başlamanka siz göz öňüne getiriň; uzyn saçly gyz, hapa çägäň üstünde, gyzyl ketenili, Gürleýän guýyň diwaryna ýaplanyp aglap otyr. Aglaýanynyň sebäbi küýzesini guýa gaçyrdy. Goý aglasyn, ol aglap durka biz ony oýlap

tapaly. Adam barada birinji bilmeli zat oň ady. Islendik gyz, hyýaly bolsyn hakyky bolsun oňa at gerek. At hakyky gyz üçin wajyp, sebäbi at, awtoryň ynamyna görä ykbalyňa täsir edýär. Ýöne hyýaly gyz üçin at wajypmyka? Guýynyň başynda aglap oturan gyza haýsy at dakamyzda-da okuýjy üçin parhy näme? Baş gahrymany gyz bolan, okan eseriňizi ýatlaň, şol eserden alan täsiriňizi ýatlaň. Indem şol eseriň baş gahrymany, gyzyň ady başga bir at diýip göz öňüne getiriň. Esere bolan garaýşyňyz üýtgedimi? Elbetde ýok. Gyzyň ady okyýja wajyp däl, ýöne awtora wajyp. Şoň üçin ol gyzyň ady barada köp oýlandy. Iň soňunda baş gahrymana Jeren diýip at dakmaly diýen netijä geldi. Awtoryň şol ady saýlamagynyň düýpli sebäpleri bar, ýöne ol sebäpler barada azajyk soňyrak.
Diýmek Jeren atly gyz guýyň ýanynda aglap otyr. Ol gyz aglamaýan wagty şadyýan we owadan. Boýy uzyn, ýöne saçlary boýundanam uzyn. Gözleri gara, özi bugdaýreňk. Hereketleri hakyky jereni ýadyňa salýar. Eger siz çeşmeden suw içip duran jereni gören bolsaňyz awtoryň deňeşdirmesine düşünerdiňiz. Suw içýän jeren kellesini galdyryp daş-töweregine seredýär, ýyrtyjylaryň ýokdugyna göz ýetirip ýenede suw içmesini dowam edýär. Biziň gahryman gyzymyzyň daş töweregine bakyşy edil şol suw içýän jereniň daş töwregine bakyşyny ýatladýar. Umuman alaňda gyz gelşikli, ýöne hemişe bolşy ýaly öz sypatyndan nägile. Saçlaryny mydama iki örýär, ýöne dört örse has gowy gelişjekdigini bilenok. Çep elinde alaja we ejesiniň iki sany ýüzügi. Üçinji ýüzigini ejesinden gizlin bir mahallar müşke çalşypdy, ýöne ol ýöne aýratyn waka. Ýaşy takmynan 20 ýaş, ýöne şol döwrüň hasaby boýunça. Şu wagytky biziň senenamamyza geçirseň 15 ýaşly gyz.
Gürleýän guýynyň başynda Jeren atly 15 ýaşly gyz aglap otyr. Özem ýary gije. Küýzesini guýa gaçyranda öýlän wagtydy, ýöne aglamaga gelende eýýäm ýary gijedi. Küýzesini guýa gaçyryp öýüne baranda ejesi Jerene hiç zat diýip käýemedi. Ýöne gün ýaşyp ýary gije bolanda Jerene gygyryp başlady. Ejesi hamala bilgeşleýin gije düşýänçä garaşan ýaly.
– Git näme işleseň şony işle, ýöne şu tünege küýzesiz gaýdyp geläýme, –ejesiniň aýdan soňky sözler.
Jeren bolsa alaçsyz öz küýzesini iň soňky gezek gören ýerine bardy, bardy we aglap başlady. Bolsada guýyň başynda başga adam ýokdy, tutuş oba uklap ýatyr. Jereniň ejesi barada aýdaňda ol bir döwürler gowy aýaldy, ýöne garyplyk onyň içki

dünýäsini zaýalady. Ençeme ýyla çeken garyplyk Jereniň ejesini iýip bolup barýardy, ýene az salym, onsoň ol bela Jerenem özini iýip ugramalydy. Garyplygy demire düşen pos bilen deňeşdirseň bolar. Demir näçe berk bolsada posuň täsirinden ýuwaş ýuwaşdan çüýreýär. Şeýdip Jereniň demirden ejesi hem ýuwaş ýuwaşdan çüýredi. Garyplyk barada köşeşdirji sözleri we nakyllary halk içinde köp aýdýalar, ýöne ol sözleri garyplygyň nämedigini bilmeýän adamlar oýlap tapan bolmaly. Bar zada Jereniň kakasy günäkär, eger ol diri bolan bolsa belki hem garyplygyň nämedigini Jerenem bilmezdi, oň ejesem. Belki bar zat başgaça bolardy, belki küýzede suwa gaçmazdy, belki eje hem agzyna gelen sözleri diýip ýörmezdi? Belki obaň adamlary hem Jereniň ejesine töhmet atmazdylar. Ýöne bar zat başgaça boldy, we şu güne çenli başgaça bolmagyny dowam edýär. Şu gün gije bar zat ýuwaş ýuwaşdan üýtgäp başlar, ýöne gowlugamy ýa-da ýamanlyga aýtmak kyn.
Ýary gije tutuş oba ýatyr, geň ýeri hatda itlerem ýatyr. Itler bilen düşünişse bolarla welin şagallar bilen möjekleriň sessiz ýatanyny düşünme örän kyn. Olaryň uwlamaýan gijesi obaň ýaşaýjylarynyň biriniňem ýadynda ýokdy. Ýöne şu gije olar uwlamady.
Guýyň daşlary sowuk, ýa-da Jeren eýýäm köp wagyt bäri olara ýaplanýar? Asmanda aý ýok, ýöne buludam ýok, aýyň nirä gizleneni belli däl. Jeren aglamasyny goýdy, göz ýaşlary gutarmady, ýok. Aglap aglap ýüregi ýeňledi. “Ejem eýýäm ýatandyr, meň baranymy bilmez” – diýip pikirlendi Jeren. Yzyna öwrülip öýne tarap ýörejek boldam welin guýydan duýdansyz ses geldi:
– Sen näme üçin aglamaňy goýdyň? Seň göz ýaşlaň maňa ýaraýar.
Jeren öler ýaly gorky, guýyň içinden gorkunç biri çykaýjak ýaly boldy. Bar zadyň gije bolup durany we daş töwerekde adamlaň ýokdygy oň gorkysyny müň esse güýçlendirdi. Ol guýydan gaçyp gitjek boldy, ýöne öz saçlaryna büdüräp ýykyldy. Oň ýykylanyny guýy hamala gören ýaly sesli güldi. Gülki guýyň diwarlarynda ýaňlandy, ol gülki nirden çykanam bolsa guýyň düýbinden gelýärdi. Jereniň ýüregi doňdy, oňa ol gülki gaty tanyş bolup göründi, ol gülkini kiçi wagty öz öýünde köp eşidýärdi, ol gülki oň kakasynyň gülkisine gaty meňzeşdi. Diňe şoň üçin Jeren ikilenç hiç ýerik gaçjak bolmady. Ýerinden turdy ýöne gürlemäge we hereket etmäge gorkdy. Hatda üst-başynam kakmady, gymmyldasa bir erbet zat bolaýjak ýaly

göwnüne geldi, bir zat gürlemek barada asla pikirem ýokdy. Jeren guýydan gözlerini aýyrman durdy. Ine-ine bir üýtgeşik bir zat boljak ýaly duýgy döredi, Jereni onuň bilesigeljiligi we öz kakasyna bolan söýgüsi göýbermedi.
– Sen näme üçin beýle daşda dursyň, –seslendi birden guýy. Golaýrak süýş.
Jeren ol sözlerden tisginip gitdi, näçe gorkyly bolsada hiç ýerik gaçmady, indi öň göwnine guýdan gelýän ses kakasynyň sesine örän meňzeş bolup göründi. Näçe gorkulam bolsa bolýan zadyň anygna ýetmän hiç ýerik gitmeli däl, –diýdi Jeren öz özüne. Daş töweregine ýene bir gezek seretdi, hiç kim ýok, tutuş oba ýatyr. Gorkylam bolsa Jeren guýa öz soragyny berdi:
– A sen kim?
– Meniň adym Zümerret, –gijä galman guýy jogap berdi.
– A sen gorkunçmy Zümmeret?
Zümerret dymdy, hamala öz keşbini aýnada synlap netije çykarýan ýalydy, gorkynçmy, ýa-da gorkynç däl.
– Ýok. Men görmegöý.
– A sen guýyda näme işleýäň, –dowam etdi Jeren?
– Ýaşaýan.
– Ýaşaýa-a-aň, –Jeren onuň yzy bilen sözlerini gaýtalady. Eýýem başdaky ýaly gorkynç däldi. Jeren guýa tarap bir ädim süýşip ýene öz soragyny berdi:
– Seniň sesiň bir adamyň sesine örän meňzeş.
– Seniň kakaň sesine meňzeş, –Jeren entek soragyny tamamlamanka guýy jogap berdi.
– Howwa, –begendi Jeren. Sen ony tanaýadyňmy?
–Men şu guýydan suw içen bar adamy tanaýan. Meniň adym Zümerret.
– Zümerreeeet, –Jeren çekdirip gaýtalady. Hamala gowy ýatda galar ýaly.
Ýene Jeren guýydan öz kakasy barada sorasy geldi, ol hemme adamlary tanaýan diýipdi.
Jeren öz kakasy barada oba adamlarynyň aýdýan zatlaryny diňlemäni gowy görýädi, olaryň hiç biri şu wagta çenli onuň kakasy barada ýekeje erbet zat aýtmandy, näme üçindir bar erbet zatlary diňe oň ejesi aýdýardy. Oba adamlaryndan kaksy barada aýdylan sözi Jeren öz ýadynda saklaýardy, kakasyny sypatlandyrýan hiç bir söz, hiç wagyt ýatdan çykmaly däldi. Ol ýatlamalary günde irden kelleden geçirilmelidi, hamala doga ýaly. Hiç biri üýtgemeli däldi we ýitmeli däldi. Kakasy barada

ýatlamalar we obadaş adamlaň aýdan sözleriniň bary, harpma harp Jereniň ýadyndan ýaşaýardy. Diňe kakasynyň sesi we gülkisi Jereniň ýadyndan solup ugrapdy, şoň üçin guýydan öz kakasynyň sesine meňzeş ses eşdip, Jeren näçe gorkulam bolsa hiç ýerik gaçmady.
– Zümerret. Sen meniň kakamy gowy tanaýardyňmy?
– Howwa, men seniň ataňam tanaýadym, oň atasynam tanaýadym, soň onuň atasynam tanaýadym. Men seň 40 arkaňa çenli tanaýan. Meň adym Zümerret.
– Sen guýyda köpden bäri ýaşaýaňmy?
–Siziň obaňyz entek bärde ýok wagty ýaşaýardym. Siziň obaňyz ýitip gidensoňam ýaşaryn.
Jeren pikirlendi, obaň ýok wagtyny göz öňüne getirjek bolydy, ol entek beýle zatlar barda hiç wagt pikir ýöredip görmändi. Oň göwnüne oň obasy mydama bardy we mydama bolar, adamlar doglar we öler, ýöne oba bir zat bolup ýitip gider diýen pikir oňa täze we düşnüksiz bolup göründi.
– Zümerret, meň küýzäm guýa gaçdy, daş töweregiňe seredäý-dä ýaşyl küýze ýokmy?
Guýy ol sözlerden soň elhenç ses bilen güldi, bu gezek oň gülkisi Jereniň kakasynyň gülkisine meňzemedi. Jeren gorkydan ýaňa azajyk yza çekildi.
– Gorkma, –diýdi guýy. Sen menden gorkmaly däl. Men seniň küýzäňi guýydan çykaryp bereýin. Ýöne bir şert bilen.
– O nämäniň şerti, –sabyrsyzlyk bilen Jeren sorady.
Guýy ýene dumdy, hamala öz şertini ýatlaýan ýaly. Jereni bolsa sabyrsyzlyk iýip barýardy. 15 ýaşly gyz näme diýseňem örän bilesigelji bolýar.
– Göz ýaşlaryň, –guýy birden ümsümligi böldi. Maňa seniň göz ýaşlaryň gerek.
–Göz ýaşlarym? Sen olary näme etjek? Onsoňam men olary saňa nädip bereýin?
–Sen agla, ýene bir gezek agla. Ýöne indi aglaňda guýyň içine agla.
– Men indi aglasym gelenok, –diýdi Jeren.
– Aglarsyň eger men islesem, ýöne guýynyň içine öz gözýaşlaryňy döker ýaly men seni mežbur edip bilemok.
– Eger men öz gözýaşlarymy guýa döksem, sen sözüňde durup meniň küýzämi gaýtaryp berermiň?
Jeren öz çaga göwnüne görä kim bilen iş çalyşýanyna düşünenokdy. Ulyrak adam bolan bolsa bir eýýäm düşünerdi

Zümerret bilen oýun etmeli däldigini, ýöne Jeren bary ýogy öz küýzesini ýitiren 15 ýaşly gyzdy.
— Dünýe döräp men entek öz sözümden dänen ýerim ýok, —jogap berdi Zümerret.
— Men razy, ýöne men indi aglasym gelenokdä.
Jeren sözlerini gutarmanka ýüregine ýalňyzlyk aralaşdy. Gowy geljege bolan umytlaryň bary bir salymda öçdi, adamy dünýede ýaşadýan hem ýagty gelejege bolan gowy umytlaryň bary hiç wagt bolmadyk ýaly boldy. Dünýe gaty garaňky we rehimsiz bolup göründi, yz ýanyndan Jereniň ömründe bolan bar erbet ýatlamalar daşyna çogup çykdy we müň esse ýiteldi. Gözden ajy ýaşlar öz-özünden akyp başlady, Jeren entek beýle aglany hiç wagyt ýadynda ýokdy.
— Golaýrak gel, —diýdi guýy. Biziň şertimiz bar, sen guýa aglamaly.
Jeren garşylyk görkezman guýynyň diwaryna ýaplanyp, başyny aşak egip guýyň içine aglap başlady. Entek ömründe beýle aglap görmeýşi ýaly, ömründe birinji gezek ýüregi hasrat gaýgydan ýeňledi. Bir ýerlerden duýdansyz peýda bolan gam gussaň ýerine, edil şol ýerlerden peýda bolan şatlyk we bagt eýeledi. Agladygyňça ýüregiň täsin ýeňleýärdi, elbetde bu zatlar Zümerret edýärdi. Jereniň agysy ýuwaş ýuwaşdan dymyp iň soňunda şatlyga öwrüldi, yz ýanyndan bolsa gülkä geçdi. Jeren guýyň başynda esli wagt, edil jynlan ýaly öz-özi güldi. Eger bolýan zatlary daşyndan biri gören bolsa hökman gyz däldiredi diýip pikir ederdi. Sebäbi ýaňja ses edip aglap duran gyz, indi ses edip gülip durdy. Jeren gülip bolup demini dürsäp guýudan sorady:
— Ber indi meň küýzämi, men bar zady seň diýşiň ýaly etdim.
— Bolýa, —diýdi guýy. Sen gün dogaýmaka şu ýerik gel. Şonda öz küýzäňi alarsyň.
— Näme? —Jeren geň galdy. Maňa küýze şu wagyt gerek. Meni ejem öýe salmaýar küýzesiz barsam.
— Şu gün, gün dogmanka şu ýerik gel, onsoň öz küýzäňi alarsyň. Men Zümerret, entek sözümden dänen ýerim ýok.
Näme üçindir Jeren oň sözlerine ynanasy geldi, şonuň üçin jedelleşip durmady, onsoňam nädip guýy bilen jedelleşjek diýsene? Hoşlaşman yzyna öwrülip öýüne gaýtdy. Öýlerine baryp ejesini turuzman öýe girdi we oň maňlaýyndan öpdi. Uklajak boldy ýöne gorkdy, daňdana çenli ýatsam uklap galaýmaýyn diýip pikir etdi. Zümerret gün dogmaka guýa gel diýipdi. Jeren

küýzesini eline elşyny göz öňüne getirjek boldy. Guýdan owadan oglan çykyp oňa küýzäni uzadýar, uzadýar we men Zümerret diýýär. Oglanyň ýüzi Aman sanykçyň oglyna gaty meňzeş, ol oglanyň ady Hazardy. Näme üçindir Jeren guýudan Nazar atly oglan çykyp oňa küýzesini berýänini göz öňüne getirdi. Şeýdip oň pikirleri düýşe gatyşyp gitdi, tasana uklap galýardy, ýöne ony düýşinde erkek sypatly biri oýardy, kim ol Jeren bilmedi, Nazarmy, Zümerretmi ýa-da öz kakasy? Turup seretse ejesi entek ýatyr, ýöne biri gije onuň üstüni ýapypdyr, ejesinden başga kim bolsyn diýsene? Jeren guýa tarap çalt çaltdan ýöredi, gün entek dogmandy, ýöne şapak ýagtylyp başlapdy. Barsa guýyň ýanynda obaň bir aýaly dur, suw alýana meňzänok. Jeren golaýrak bardy, ol aýaly tanady, ol Aman sanykçynyň aýaly we Nazaryň ejesidi. Ol aýal hem guýa öz küýzesini gaçyrypdyr. Şu gün irdenjik gaçyrypdyr, Jeren üçin gowy ýeri ol aýalyň ogly kändi, häzir ogullary üýşer we küýzelerni guýydan çykararlar, haýyş etse Jereniň hem küýzesini çykararlar. Şeýdip Aman sandykçyň dört ogly guýyň daşyna üýşdiler we iň kiçilerini ýüp bilen guýa salladylar. Az salymdan guýa sallanan oglanjyk ep-esli wagytlap guýa gaçan bar küýzeleri çykardy, şol sanda Jereniň hem küýzesini. Olaryň ejesi bolsa ogullarynyň bu hereketini näme üçindir halamady. Hamala öz ogullarynyň oba peýda getirenini gabanýan ýalydy. Oglanjyk guýa salanan wagty Jereniň ýadyna Zümerret düşdi, bir bada oglan guýyň düýbine ýetip “waý eje, çykaryň meni” diýip gygyraýjak ýaly boldy. Ýöne ol hiç hili ses çykarmady, guýa ençeme gezek sallanyp ol ýerden bir näçe küýze çykardy. Soň olaryň kakasy Aman sandykçy bir ýerlerden peýda boldy, we guýyň düýbüni arassalamagy teklip etdi, näme diýseňem wagtyň geçmegi bilen guýyň düýbine çäge ýygnanýar. Ogullary kakasynyň aýdýanlaryny makyll bildiler. Jeren öz küýzesini eline alyp öýlerine ýöredi, ýolda barýarka düýn giçlik bolan zatlary ýatlady. Bolan zatlar düýşden çala tapawutlanýardy, näme bolsada oň küýzesi eýýäm elindedi.

Şeýdip Jeren bilen Gürleýän guýyň birinji şertnamasy baglaşyldy. Ýöne bu entek hekaýanyň soňy däl.

* * *

Adamyň beýnisi bolmajak ýa-da ýok zady oýlap tapyp bilenok. Bu nämäni aňladýar: Adamyň kellesine gelip biljek islendik fantaziýa, ýa-da hyýal, öňde soňda hökman hakykata öwrülýär.

Belki geçmişde bolandyr, belki gelejekde bolar? A megerem biziň wagtymyzda bir ýerlerde bolup duran bolmagy hem mümkin?
Üçguýy obasy, Jeren atly 15 ýaşly gyz. Ol gyzyň göwnüne Nazar atly oglan ýaraýar, Aman sandykçyň iň uly ogly. Ol 18 ýaşynda, Jereniň gözi bilen seretseň-ä, obanyň iň owadan oglany. Eýsem ol oglan Jerene gerekmi? Hökman gerek, diňe şol oglanyň üsti bilen Jeren öz ýüreginde dörän boşlugy dolduryp biler. Ýürekde boşluk nirden döreýär eýsem? Nirden dörese-de bir günde döränok, ýuwaş-ýuwaşdan döreýär. Ýuwaş-ýuwaşdan sen düşünýäň, sen başga adamlardan bir ädim yzda. Ýuwaş ýuwaşdan seň ejeň ýaramaz ada eýe bolýar we sen oň kölegesinde galýaň. Ýuwaş-ýuwaşdan, bar zat ýuwaş-ýuwaşdan.
Kakasy ýogalanda Jeren sekiz ýaşyndady, onuň näme üçin ýogalanyny hiç kim bilenokdy. Ejesi hem gyzyna hiç zat düşündirmedi, bar aýdan zady «seniň kakaň bizi taşlap gitdi». Şoň üçin Jereniň ýüreginde azajyk öýke-kine galan ýaly boldy, hamala kakasy dogrudanam öz islegi boýunça ony we oň ejesini taşlap giden ýaly. Kakasynyň yzynda galan emlägini, näme üçindir ejeli gyz örän çalt gutardylar, kaka diri wagty olar nämäň nirden gelip nirä gidýäni bilen işleri ýokdy, ýöne kaka taşlap gitdem welin bar zat öňküsinden iki esse çaltlykda tamamlanýan ýaly boldy, ony hiç zada düşünmeýän Jereniň ejesem aňdy. Kakasynyň taşlap gidenini eşiden möjek sürüleri olaryň mallaryny iki esse çaltlykda talap başladylar. Näme üçindir öz ajalyna ölýän mallaram köpeldi. Hatda ýaz wagty goýunlar we geçiler hem öňküsinden az guzladylar, owlakladylar. Şeýdip bir ýyla galman dul heleýiň maly pytrady. Yz ýanyndan bolsa garyplyk başlady, onuň nämedigini bolsa Jeren uzagyndan gowy bildi.
Köp kösenen adam özüni ykbaldan algyly hasaplaýar, ýöne ykbalyň hiç kime bergisi ýok. Muny on bäş ýaşlyja gyz nirden bilsin? Jereniň hem ykbaldan algysy bardy, soňky 5-6 ýyl bäri gelýän kösençlikleň öwezini bir zat hökman dolaýmalydy. Ol hem Nazar atly oglan bolmalydy, obaň iň owadan oglany. Oba kän bir uly däl, bary-ýogy 150-200 öýli, adamlar bir-birini tanaýarlar. Ýaş gyzlaryň baryny ýekän ýekän tutup, obada haýsy oglan iň owadan diýip sorasaň, olaryň köpüsi Nazar diýip jogap

berjekdi. Jeren hem şol oglany isledi, ýöne ony gowy görýäni üçin, ýa-da söýýäni üçin däl-de, ol obanyň başga gyzlaryna ýaraýany üçindi. Nazar obanyň bar gyzlarynyň içinden diňe Jereni saýlaýar, diýmek gyzda bir zat bar, ol daş görnüşi ýaly ýönekeý däl. Ine, Jereniň öz salgysyna eşdesi gelýän sözleri. Ýöne ol arzuwlar ýaz düýşleri ýaly hakykatdan gaty daşdy. Ýöne gürleýän guýyda Zümerret atly näbelli biriniň peýda bolmagy bar zady üýtgetdi.
Gyz öz küýzesini alansoň köp wagt geçdi, bolan waka ýarym düýş ýaly duýulyp göründi. Jeren bolan zady içinde saklap bilmän öz jorasyna aýdyp bermäge synanşdy, ýöne jorasy gorkdy we wakany doly diňläsi gelmedi. Jeren wakany kimdir birine aýdyp berme höwesini ýitirdi. Ol her gezek gürleýän guýyň ýanyna baranda Zümerret ýadyna düşdi. Oň sypatyny göz öňüne getirjek boldy, ýöne näme üçindir Ýaşyl daşdan ýasalan dik duran, kuwatly oglan göz öňüne geldi. Ol özüne owadan diýipdi, ol Nazardan owadanmyka, —diýip Jeren kä mahallar oýlanýady. Günleriň bir güni agşamara Jereniň ýoly guýa tarap düşdi. Ol giçlik suw almaga gidenokdy, ýöne şu gezek gitmeli boldy. Gürleýän guýynyň ýanyna baryp hemişeki edýän işlerini başlady. Ýüp daňylan çelegi guýa zyňdy we yzyna eýýäm içi suwly ýokarlygyna galdyrdy. Ýöne ol çelegiň ýüpüni birden sypdyrdy. Sebäbi guýydan duýdansyz ses eşidildi;
— Men Zümerret, —diýdi guýy ýaňlanýan ses bilen.
Jeren başda gorksa-da, yz ýanyndan begendi. Hamala ýat oba durmuşa çykan jorasyny gören ýaly.
— Salowmaleýkim Zümmerret, —guýyň içine başyny sallap Jeren salamlaşdy, hamala diýersiň ol ýerde birni görjek bolýan ýaly. Ýöne guýyň içinde, suwyň ýüzünde görünýän asmandaky ýyldyzlaryň şekilinden başga zat görünmedi. —Hany sen? Görünäý-dä maňa, —Jeren ýalbardy.
— Men Zümerret, men göze görnemok.
— Utanma, men seniň sypatyňy görjek, birje gözüm bilen görsemem bolýar.
Guýy hiç zat jogap bermedi. Jerenden gaty gören ýaly dymdy. Jeren bolsa oň dymyşyny razylyk diýip düşündi we guýyň içinden görünjek keşbe garaşdy. Az salymdan guýyda bir keşip peýda

boldy, ol oglanyň keşbidi. Ýaş oglanyň keşbi edil guýyň suwynyň ýüzünde. Iki gözüniň durmaly ýerinde asmanda görünmeli iki ýyldyzyň suwa düşýän suraty gaty laýyk oturdy. Hamala ol oglanyň gözleri ýyldyz kimin ýalpyldaýan ýalydy. Gyza ol keşip gaty tanş bolup göründi. Ol suwdaky oglany öň bir ýerlerde gören ýaly boldy, ýöne gijäniň garaňkysy we suwyň çaýkanmasy takyk aýtmaga päsgel berdi.
– Men seni öň bir ýerlerde gördüm, –diýdi Jeren. Sen owadan oglan. Ýöne nirde görenim ýadymda ýok.
– Men oglan däl, men Zümerret, –guýyň düýbinden ses göterildi.
Jereniň agzy öz özünden açyldy. Ol geň galmakdan ýaňa sesli güldi. Zümerret soňky sözlerini öz sesi bilen aýtman, Nazaryň sesi bilen gürledi. Howwa şol Nazaryň sesi bilen gürledi. Bir bada Jereniň göwnüne Nazaryň özi guýyň içinden bukulyp duran ýaly boldy. Ýöne guýyda hiç kimiň ýokdygy ýadyna düşdi. Yz ýanyndan Jeren ikinji gezek ýene sesli güldi. Guýyň içinde gören keşbiniň kimiňkidigini birden ýadyna düşdi. Ol gürrüňsiz Nazaryň keşbidi. Näme üçin Jeren onuň Nazardygyna, gören badyna düşünmedigini özem hem bilenokdi. Bar zat köre mälim bolup dura, ine Nazaryň çala ýylgyrýan agzy, burny edil şoňky ýaly. Diňe gözleri ýyldyzlar sebäpli görnenok. Gülip bolup gyz tukatlandy, oýa batdy. Az salym hiç zat gürlemän durdy. Soň birden öz söhbetdeşi ýadyna düşdi.
– Zümerret, –diýip Jeren ony çagyrdy.
– Men Zümerret, –ol jogap berdi.
– Seniň guýyda görkezen keşbiň kimiňki?
– Ony sen bilmeli, –diýdi guýy. Her bir kişi näme göresi gelse şony hem görýär.
– Seň maňa görkezen keşbiň Nazar atly oglanyň keşbi. Sen şoň sesi bilenem gürlediň ýaňyja.
Zümerret ýene dymdy. Ol diňe gönümel sorag bolanda jogap berýär, hamala bölek-büçek gyz teswirlerine üns bermeýän ýaly. Guýy sesini çykarmasa-da Jeren guýynyň başynda oturyp oňa Nazar barada gürrüň bermäge başlady. Oň telpeginden başlap ädigine çenli aýdyp berdi. Soň ol oglan göwnüne ýaraýanyny aýtdy. Ýöne ýaranda ýaramanda oňa peýda ýok, Nazar Jereniň şu obada ýaşap ýöreninem bilenok. Jeren gürrüň bermeleriniň

soňuny ah-çekme bilen gutardy. Guýy hiç zat eşitmedik ýaly hiç zat diýmedi. Ýöne Jeren şu wagyt kimdir biri bilen Nazar hakda gürleşesi gelýärdi, ol kimdir biri ony ýazgarjak we «sen bolmajak zatlaň arzuwyny etýäň» diýjek adam bolmaly däldi.
– Sen söýüp görüpmidim Zümerret?
– Jeren sorady. Ýöne bu sorag öz duýgulary barada aýtmak üçin bahana boldy.
Jeren onuň jogabyna garaşman ýene öz söýgüsi barada pikir ýöredip başlady. Sözüniň soňunda şol oglan üçin bar zada-da kaýyl diýdi. Şol sözlerinden soň hamala gyzyklanma peýda bolan ýaly Zümerret janlandy.
– Sen bar zada razymy?
Guýynyň soragyna Jeren garaşmansoň, bir bada düşünmedi.
– Sen näme diýýäň? –Jeren sorady.
– Sen şol oglan üçin bir damja ganyňdan geçip biljekmi?
Eşiden zatlaryny bir bada düşünmedik Jeren haýaljakdan howwa diýip jogap berdi, ýöne Guýynyň bir damja gan diýen sözüniň aňtrsynda bir gorkunç zadyň gizlenýänini duýdy.
– Onda bar zady meniň diýşim ýaly et, –Zümerret dowam etdi. Guýynyň içine bir damja ganyňy damdyr, onsoň oglan seni söýer.
–Söýer, –Jeren haýaljakdan guýyň yzyndan esasy sözi gaýtalady. Oňa esasanda «söýer» diýen ýeri ýarady. Eýsem ol meni söýer ýaly bary-ýogy guýa birje damja gan damdyrmaly? –pikirlendi Jeren.
– Adam ganynyň tagamy meň eýýäm bir mahal ýadymdan çykdy.
Zümerretde gyzyklanma peýda bolanyny Jeren aňdy, ol adam däl bolsa-da, sözlerniň äheňinde hujuwy duýyp bolýardy.
– Ýakaňdan temençäni alda öz barmagyňa sanç, –dowam etdi Zümerret. Guýa birje damja gan damdyr. Kyrk günüň içinde oglan seni söýer.
Jeren Zümerrediň sözlerini gürlemän diňledi. Bar zadyň şeýle ýönekeýdigine, onuň ynanasy gelmedi. Ýöne öler ýaly barlap göresi geldi, kim bilýär belki bolar. Şu wagyt barlap görmeseň belki ömrüň soňuna çenli ökünip geçersiň?
Guýa öz ganyňy damdyrmagyň erbet ýeri ol guýydan adamlar suw içýärler ahyryn. Hiç kim bilmesede özüň üçin gowy däl. Ýöne birje damja gandan hiç hili zyýan bolasy ýokla, –pikirlendi

Jeren.
Jeren ýakasyndan temençäni sogryp aldy we gözüni ýumyp barmagynyň sokdy. Sokan ýerinden gan çykdy. Elini ýuwaşlyk bilen guýyň üsüne getirdi. Ganyny damdyraýjak bolanda guýy seslendi;
– Ol oglan saňa mynasyp däl.
– Mynasyp däl? – jeren geň galyp sorady.
– Mynasyp däl, –guýy ýaňlanýan sesi bilen gaýtalady. Ýöne synanşyp görmegi hiç kim gadagan etmedi.
Guýyň sözlerini eşiden Jeren elini gysdy we täze ýaradan bir damja gan guýa damdy. Gan damjasy suwa degenini Jeren eşitdi, näme üçindir ol ses ýaňlanyp eşidildi. Yz ýanyndan guýyň içinden gülki sesleri ýaňlandy. Ol ýerde Zümerret şatlanýardy.
– Bagtly bol Jeren, –Zümerret oň adyny birinji gezek tutuşydy. Seniň ganyň entek günäsiz. Ol meň adam wagytlarymy ýadyma saldy.
– Seniň diýýäniň bolarmy? Meni aldan dälsiňä? Meni Nazar söýer diýdiň.
Zümerretiň begenýän seslerini görüp Jerende aldanan duýgy döredi. Hamal guýy onuň üstünden gülýän ýalydy.
– Ýok men aldamok Jeren. Nazar seňki bolar, indi seniň durmuşyňda bar zat üýtgär. Eýsem bu guýydan suwy diňe Nazar içenoga.
–Sen näme diýjek bolýaň? –Jeren sorag berdi, ýöne ol soraga jogap alyp bilmedi.
Edil şol wagt ony ejesi çagyrdy, Jeren tisginip yzyna bakdy. Ol guýynyň ýanynda köp eglenipdi. Şoň üçin onuň yzyndan ejesi gelipdi.
– Sen kim bilen gürleşýäň, –ol sorady.
– Hiç kim bilen, –sandyraýan ses bilen Jeren jogap berdi.
– Suw al-da, öýe ýöre.
Oň ejesi guýydan daşyrakda duryp Jereni çagyrypdy, golaý barmaga ýaltandy, şonuň üçin guýynyň başynda duran öz gyzydygyna göz ýetirýänçä golaýlaşdy.

* * *

Jeren ýörite ýatmady, gijäň ýary bolynça garaşdy. Ejesiniň berk uka gidenine göz ýetirip öýden çykdy. Ýarty suwly küýzäň suwuny ýere boşatdy. Soň boş küýzäni eline alyp guýa tarap ýöredi. Öýleriň arasyndan guýy görünip başlandan öz özünden agysy tutdy. Guýynyň ýanyna barýança göz ýaşlar eýýäm derýa bolup akýardy. Jeren guýyň içine başyny sallap «Zümerret» diýip gygyrdy, guýyň içinde oň sesi oglanyň sesi ýaly ýaňlandy. Jeren ikinji gezek Zümerret diýip gygyrjak bolanda guýyň içinden ses geldi:
– Ajaýyp göz ýaşlar, dünýede iň süýji gözýaşlar ýetimleriň göz ýaşlary.
Jeren onuň sesini eşidip agynyň içinden begendi, sebäbi ol Zümerreti eýýäm üç gün bäri çagyrjak bolýardy.
– Agla Jeren agla. Seniň göz ýaşlaň ajaýyp, –Zümerret öz begenjini gizläp bilmedi.
– Maňa ýene seň kömegiň gerek.
Jeren sumjaryp öz sözlerini zordan aýytdy. Ol Zümerredi iň soňky gezek iki aý mundan öň görüpdi. Edil şol wagt hem öz barmagynyň ganyny guýa damdyrypdy. Bar zat edil guýyň aýdyşy ýaly boldy. Nazar Jerene başga göz bilen seredip başlady. Öň ol Jereniň bardygyny hem bilmese, ýuwaş ýuwaşdan oňa gözi düşip başlady. Wagtyň geçmegi bilen Nazar Jerene tarap ätmeli bar ädimleri ätledi we öz ene atasyny alada goýdy. Jeren olara gelin hökmünde ýaranokdy, sebäp diýseň olar Jerene onuň ejesiniň üsti bilen baha berýärdiler. Ýöne ogullary şol gyz diýip ölüp ýatansoň näme etjeklerini bilmediler. Başga adamlaryň gepini edip öwrenşen maşgalaň, özi bu gezek iliň gepine galyp barýardy. Jeren Nazara mynasyp däldi, muny tutuş oba bilýärdi. Eger olar birleşäýse oglanyň ejesi kakasy üçin, uly betbagytçylykdy. Jereniň ejesi barada il içinde erbet sözler aýdyp, iň soňunda oň gyzyny alsaň, adamlar saňa düşünmez. Garaz hemişeki ýaly garrylaň keseli üçin ýaşlar kösendi. Şoň üçin Jeren hem alaç tapman ýene guýyň ýanyna geldi.
– Zümerret maňa seň kömegiň gerek, men şol oglana barasym gelýär.
– Men saňa duýdurdym, ol saňa mynasyp däl diýip. Siziň

obaňyzda başga oglanlar bar wagty sen näme üçin şol oglany saýladyň?
«Näme üçin şol oglany saýladyň» –diýip Zümerret sorag berdimi ýa-da bolan zady tasyklamady Jeren düşünmedi. Zümerret bar zady başgaça görýär, oňa hakyky söýgä düşünme ýok.
– Sen maňa kömek edip bilýäňmi ýa-da ýok? –Jeren aýgytly ses bilen sorady. Men ol oglan üçin bar zada kaýyl. Onuñ ejesi-kakasy biziň nikamyza razy däl.
– Sen bar zada kaýylmy?
– Howa kaýyl, mydamada kaýyldym. Sen meni geçen gezek aldadyň. Ol oglan seňki bolar diýipdiň. Ýöne seniñ diýşiň ýaly bolmady. Ol maňa öýlenip bilenok.
– Men seni aldamok. Oglan seni hakykatdanam söýdi, ýöne onuň ene-atasy seni söýer diýip men boýun almadym.
Jeren onuň bu sözlerinden soň öňküden beter aglap başlady. Zümerret dogry aýdýar, ol ony allamady.
– Biz bile bolar ýaly sen kömek edip bilýäňmi, – Jeren göz ýaşyň içinden sorady.
Zümerret dymdy, ol bir bada jogap bermedi. Jeren oň jogabyna garaşyp üns bilen guýynyň içine diňşirgendi, gubyň berjek jogaby örän wajypdy.
– Çaga, –diýdi Zümerret we dymdy.
– Çaga, –oň yzy bilen Jeren haýaljakdan gaýtalady. Ýöne hiç zat düşünmedi.
– Maňa çaga gerek.
– Nämäniň çagasy Zümerret, –Jeren öz gulaklaryna ynanman sorady.
– Eger sen Nazar bilen birleşjek bolsaň guýyň üçine çaga okla.
Eger Jeren diri adam bilen gürleşýän bolsa ol oňa ynanmazdy, ýöne Zümerret diri adam däldi.
– Diri çaga okla, özem oglanjyk bolsun. –Zümerret dowam etdi.
– Ýok, –diýdi Jeren haýaljakdan, belli däl kime, özünemi, ýa-da Zümerrede. Men hiç haçan beýtmerin.
– Adalatly!? Bir oglanyň kalby üçin bir oglanyň jany biziň bahamyz. Biz bar zady aýytdyk.
Zümerrediň bu sözlerini Jeren düşünmedi, ýöne umuman bar zada düşündi. Guýyň içine kijijek oglan oklamaly. Zümerret iň

soňunda özüne «biz» diýip ýüzlendi. Jeren bolsa guýýň içinde bir näçe Arwah otyrandyr öýütdi.
– Zümerret başga çykalga ýokmy. Men saňa oglanjygy nirden tapaýyn?
Guýy jogap bermedi, ol bar aýtjagyny aýdyp bolan bolmaly. Jeren ýene bir näçe gezek Zümerredi çagyrdy, ýöne ol hiç zat jogap bermedi. Soň Jeren gaharlandy, Zümerrede birinji gezek gaharlandy. Daşyndan seretseň guýynyň başynda bir ýaş gyz kimdir birine söwünýärdi, bolsada obadaşlary ony görmedi. Soň Jeren alaçsyz guýydan öýüne gaýtdy, gaýtmaka küýzesini suwdan doldyrdy. Öýüne baranda öňünden ejesi çykdy. Ony Jeren allajak boldy, gije suwsap turdym, ýöne öýde suw bolmansoň guýa gitdim diýip. Ýöne beýle sözler bilen Jereniň ejesi bir döwürler öz ejesini aldansoň, öz gyzyna ynanmady. Näme-de bolsa bar zat dawasyz tamamlandy.
Gelýän soňky üç gün Jeren diňe Zümerret barada pikirlendi. Ol öz jadyly işleri üçin oglanjyk soraýardy. Jereniň göwni her salym bir tarapa ýykyldy. Oglanjyk tapyp guýa oklaňdada öz wyždanyňy köşeädirmek üçin delil gerekdi, bolmasa ynsabyň ömrüň ötünçä seni gemirer. Şonuň üçin Jeren obada hiç kime gerek däl oglanjyk barada pikirlendi, ýöne beýle oglan obada ýokdy. Ýetim kändi, ýöne olaryň hossarlaram bardy. Soň Jeren birniň çagasyny gije ogurlap guýa oklamak barada pikirlenip başlady. Ýöne az wagytdan ogurlygada batyrlygynyň ýetmejegini düşündi. Biriniň öýünden diri çagany ogurlamak aňsat iş däl. Üç güniň içinde Jeren oglanjyk tapmak barada bar bolup biljek ýollary oýlandy, ýöne hiç bir çykalga kellä gelmedi. Öz pikirini her gezek «goý bolsun» edende Jeren, Nazar bilen duşuşanda täzeden ruhlanyp, ýene çykalga gözläp başlaýardy. Dördülenji gün Jeren basyldy, kellesinde öz janyňa kast etmek barada ýeňil pikirler peýda boldy. Ýary-gijä çenli ýatman oturdy, ejesiniň berk uka gidenine göz ýetirip, öýden çykdy. Guýa tarap ýöredi, ýolboýy aglady. Onuň gözden akýan ýaşlarynyň yzlaryny ýerden süýrenip gelýän iki örim saçlary syryp gelýärdi. Jeren baryp guýýň diwaryna münesi geldi, eger gorky peýda bolmasa özümi guýa oklaryn, –diýip Jeren pikirlendi. Guýa ýetip aýak gabyny çykaryp guýýň daşdan örülen

diwaryna mündi. Guýynyň içine seretdi, ýürekde hiç hili gorky peýda bolmady. Guýynyň üstünde bir aýagyny galgatdy, «ýene azajyk we men guýa bökerin» ýaly pikirler kellede galgap başlady. Jeren häzir bökjek diýip durka guýydan ses geldi;
– Men Zümerret.
– Bilýän seniň Zümerretdigiňi, dünýede iň emelsiz Arwah sen, –Jeren hamala guýyň gürlärine garaşyp duran ýaly oň sözleriniň yzyndan eglenmän gürledi.
– Men Arwah däl, men Zümerret.
– Kim bolsaň şol bol, ýöne seň başarýan zadyň ýok.
– Hany seniň oglanyň?
Oň sözlerinden soň Jeren akly üýtgän ýaly güldi. Guýynyň daşynyň üstinde çommaldy we guýyň düýbine seredip jogap berdi:
– Oglan ýok. Meniň özüm barýan häzir seň ýanyňa.
Bu gezek guýy gyzyň sözlerine güldi.
– Sende ol derejede batyrlyk ýok, sen böküp bilmersiň.
Jeren guýyň diwarynda oturyp iki aýagyny guýa sallady. Guýydan gelýän çygy aýaklary bilen duýdy.
– Mende guýa oklap boljak oglanjyk ýok Zümerret. –Jeren ýene täzeden aglap başlady. Men Nazary söýýän, ol hem meni söýýär. A sen bize kömek edesiň gelenok. Hökman başga çykalga bolaýmaly, sen ony bilýäň.
Zümerret dymdy, hamala pikirlenýän ýaly, Jereniň bir iki gezek çagyrmasynada hä bermedi. Soň öz özi ukydan oýanan ýaly gyza ýüzlendi;
– Men Nazar ikiňizi duşuraýyn. Ýöne gaýtalaýan ol saňa mynasyp däl.
Gyzyň azajyk ýüzi açyldy, guýyň dywaryndan aşak düşip, diwara iki tirsegini goýup ýaplandy.
– Men onuň üçin näme etmeli? Ýöňe oglanjyk tap diýmeseň bolýar.
–Şu wagt maňa hiç zat gerek däl, ýöne wagty gelende men öz tölegimi soraryn. Şu wagt sen meni guýydan çykarmaly.
– Guýydan çykarmaly? –Jeren geň galdy. Eýsem bu mümkinmi?
– Howwa.
Jeren pikirlendi, birinji kellä gelen zar Zümerret gorkunç bolyp ony gorkuzmagy mümkindi. Soň Jeren guýa başyny sallap

guýydan sorady;
– A sen gorkunç dälmi Zümerret?
– Ýok, aýtdym-a men owadan diýip. Onsoňam men seniň gözleriňe görünmerin. Meni görmek üçin ýedi gyz bilen bir ogul doguran aýal bolmaly.
Jeren eşiden zatlaryna düşünjek boldy ýöne başa barmady. Onuň üçin şu wagt iň gyzykly zat Nazar we olaryň gelejegidi.
– Men seni guýydan çykarsam men Nazar bilen durmuş gurup bilerinmi? –Jeren esasy zady sorady.
– Howwa, siz ömrüňiz ötýänçä bile bolarsyňyz.
– Eýsem seni guýydan nädip çykarmaly?
– ýüzündäki ýylgyrşy gizläp bilmän Jeren sorady.
– Gyýa örülen saçlaryňy salla.
Jeren başgaçarak jogaba garaşansoň azajyk geň galdy. Iki eli bilen öňüne düşip duran saçlaryny sypalady.
– Saçlarymy näme etjek?
– Salla saçlaryňy guýa, onsoň görersiň.
Jeren başga sorag bermän saçlaryny guýa sallady. Öz boýyndan uzyn saçlar guýyň diwarlaryna degip durdy. Birden göze görünmeýän bir zat oň saçlaryndan aslyşdy. Jereniň başy aşak gaňryldy. Ol dikeljek boldy ýöne bolmady. Saçlaryny bir zat goýberenok. Soň saçdan aslyşýan jandar hamala agralan ýaly Jereni aşaklygyna täze güýç bilen çekip başlady. Jeren güýyň diwarlaryna bagryny berdi. Kimdir biri öň saçlaryna bar agramyny atýar. Jeren öz saçlaryny eli bilen tutdy, bolmasa bar agram kellä düşýärdi. Saçlara düşýän agram bir ýeňleýär, bir agralýar, hamala biri ol saçlardan ýapyşyp guýydan daşyna çykýan ýalydy. Jeren agyra çydaman gygyryp ugrady. Saçlar bolsa ýolnara geldi, olardan daýaw erkegiň agramynda biri aslyşdy. Ýene az salymdan guýydan saçlar boşady, ýöne ol az salym Jeren üçin gaty uzaga çekdi. Jereniň saçlary boşanyndan zyňylyp yza düşdi.
– Sag bol, sag bol, sag bol, –biri daş töweregi ýaňlandyryp gürledi. Ol ses eýýäm guýydan gelenokdy, ol ses möjekleriň sesi ýaly alyslardan gelýärdi.
Jeren daş töwdregine garanjaklap –kim sen, –diýip gorkyly sorady.

Ses jogaba derek şadyýan güldi. Soň çägaň üstünde eýläk beýläk şemal ýaly gezmeledi. Jereniň bolsa guýydan gaçyp gidesi geldi.
– Men Zümerret, men mydama wadamda durýan. Nazar seňki bolar, size hiç kim päsgel bermez.
Ol sözlerden soň Jereni gorky azajyk göýberdi. Söň Zümerret hiç zat gürlemedi, çägeden şemal geçen ýaly ses etdide obaň içine siňip gitdi. Jeren bolsa üst-başyny kakyşdyrdy, edil şol wagyt öz saçlaryna gözi düşdi. Seretse olaryň bary, iň soňky taryna çenli gyşda düşen gar ýaly akdy. Gözlerine ynanman saçlaryny kakyp gördi, oň göwnüne olar hamala tozandan agaran ýalydy. Soň näçe kaksa-da, öňki gara saçlarynyň gaýdyp gelmejegine düşinip, öýüne tarap ýöredi. Kellesine birinji gelen pikir; «Nazar meni ak saçlarym ýilen başyna ursynmy» diýen pikir boldy. Ýol boýy ýene aglap iň soňunda öz öýlerine girip ýerine geçip ýatdy. Bolan zatkaryň bary düýş bolaýbilse diýip dileg etdi. Şonuň üçin çaltrak uklasy geldi.
Ertir irden günortan golaý turdy. Özüni ejesiniň näme üçin turuzmandygyny geň gördi. Entek agaran saçlary ýadyna düşmän öýüň içine göz gezdirdi. Ejesi şol agşamky ýerinde ýatyr. Ýuwaşlyk bilen eje diýdi, ol hä bermedi. Soň ýanyna baryp yrap gördi. Elini degren ýeriniň daş ýaly sowukdygyny göz ýetirip Jereniň ýüregi ýaryldy. Onuň ejesi eýýäm jan beripdi. Beýle ýagdaýlarda näme etmelidigine etek bilmeýän Jeren ejesini gujaklap aglady. Belli däl onuň näçe aglanyny, ýöne iň soňunda oň agylaryny gapydan ylgap giren Nazar böldi. Ol gelşine Jereni gujaklady, hatda oň agaran saçlaryny bir bada gözi görmedi. Aýtmaly zat Nazaryň hem saçlarynyň ýarsy irdenden günortana çenli agarandy. Nazaryň gözlerinden yzy üzülmän ýaş akýardy. «Meň ejemiň ölümini menden öň ol nirden bildikä» –diýip Jeren pikirlendi. Ýöne Nazar ol soragy köp wagytlap jogapsyz goýmady:
– Tutuş oba öli ýatyr, –diýdi Nazar. Ikimizden galany öli. Men öýün öýün aýlandym, şu wagytjyk boldym, siziň öýňüze iň soňunda girerin diýdim. Hemmeler daş ýaly duran ýerinde gatap galan.
Jeren öz gulaklaryna ynanmady, ýöne Nazaryň beýle zatlar bilen

oýun etmejegine gözi ýetýärdi.
Oba bir gijede ýitrim boldy. Nazar bilen Jeren obaň bar ýaşaýjylaryny ýere tabşyrdylar. Ol zähmet ýeňilem bolmasa başga etjek adam ýokdy. Elbetde bu Zümerrediň işidi. Ol şeýle netije çykardy; iki adam bagtly bolar ýaly, olaryň hiç haýsysam daşyndan täsire sezewar bolmaly däl. Şoň üçin Zümerret Nazar bilen Jerene ters täsir edip biljek zatlaryň baryndan dynypdy. Oň bilen bolan şertnamalar barada Jeren Nazara hiç haçan gürrüň bermedi.
Wagt geçdi, oba täze adamdan doldy, ýöne barybir edil oňküsi ýaly däldi. Bolan zatlara täze ýaşaýjylar mergi keseli ýaly bir zat diýip düşündiler. Has yrymçy adamlar ol obada ýeke täk diri galan oglan bilen gyzyň çal saçlaryny görüp, başga zatlar pikir etdiler, ol pikirler awtora belli däl. Garaz wagt geçdi, bolan zatlar ýatdan çykdy. Nazar bilen Jereniň ýedi gyzy boldy, ýekeje-de ogul bolmady. Sekizinji çaganyň ogul boljagyny Jeren aňdy. Ol çaga Nazar öz kakasynyň adyny dakdy. Wagyt geçdi çaga dört ýaşady, öz başyna oýnar ýaly boldy. Nädip bolany belli däl, ýöne şol oglanjyk Gürleýän guýa gaçdy. Ejesi kakasy ony halas edip bilmediler. Şonda Jeren Zümerret öz tölegini alanyny düşindi.

Soňy.

Aşgabat; 2017 ý.

Rahman ZULFIKAROW. Mistika we fantastika